TÜRKMENISTANDA SAÝLAWLARY WE SALA SALŞYKLARY
GEÇIRMEK BARADAKY MERKEZI TOPAR

# SAÝLAWLARDA ULANYLÝAN ADALGALARA DÜŞÜNDIRIŞLI
# S Ö Z L Ü K

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2017

UOK 81.374.3(038)+324
S 25

S 25 **Saýlawlarda ulanylýan adalgalara düşündirişli sözlük.** – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017.

*Kitap giň okyjylar köpçüligi üçin niýetlenilendir.*

TDKP № 16, 2017 KBK 81.2(2Tü) – 92

© Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek baradaky Merkezi topar, 2017



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň saýlaw ulgamynyň işini kämilleşdirmek barada edýän taýsyz tagallalary, ýardamlary esasynda ýurdumyzda beýleki ähli ulgamlar bilen birlikde, saýlaw ulgamynyň işi, şol sanda milli kanunçylyk hem has-da kämilleşýär. Ýurdumyzda saýlawlar demokratik esaslarda we ata-babalarymyzyň köpasyrlyk kämil ýol-ýörelgeleri dünýä derejesinde ykrar edilen kadalar bilen sazlaşykly ulanylyp, milli tejribämiz esasynda we halkara ölçeglerine laýyklykda geçirilýär.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizde raýatlaryň iň möhüm syýasy hukuklarynyň birini – saýlamaga we saýlanmaga bolan hukugyny kepillendirýän milli hukuk kadalaryny kämilleşdirmek, şonuň esasynda-da jemgyýeti has-da demokratiýalaşdyrmak boýunça netijeli işler geçirilýär.

Raýatlarymyzyň saýlaw möwsümine işjeň gatnaşmaklary demokratik ýörelgeler esasynda döwleti dolandyrmakda halk häkimiýetiniň gös-göni ýa-da wekilçilikli edaralaryň üsti bilen amala aşyrylmagyna gatnaşýandygynyň alamatydyr.

2016-njy ýylyň 14-nji sentýabrynda bolup geçen Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatynda Türkmenistanyň

Konstitusiýasynyň rejelenen görnüşiniň ara alnyp maslahatlaşylmagy hem-de Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan kabul edilmegi, ýurdumyzda adamyň we raýatyň hukuklarynyň we azatlyklarynyň halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryna laýyklykda döwrüň talabyna laýyklykda ykrar edilýändigini̇ň aýdyň subutnamasydyr.

Ýurdumyzda geçirilýän saýlawlarda, saýlaw hukugy bolan her bir raýatyň saýlawlara işjeň gatnaşmagy Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň adalatly milli demokratik syýasaty, şeýle hem türkmen halkynyň gadymdan gelýän agzybirlik, jebislik, watansöýüjilik häsiýetleriniň bütin dünýä dabaralanmasynyň nyşanydyr.

Raýatlarymyzyň saýlaw hukuklary baradaky düşünjelerini has-da baýlaşdyrmak, saýlawlara taýýarlyk görmekde we olary ýokary guramaçylykly geçirmekde saýlaw toparlaryna goldanmak, şeýle hem ösüp gelýän ýaş neslimiziň bilimini ýokarlandyrmaklyga goşant goşmak maksady bilen, şu saýlaw kanunçylygynda ulanylýan adalgalaryň düşündirişli sözlügi işlenip taýýarlanyldy.

Bu sözlük saýlawlarda ulanylýan adalgalaryň many-mazmunyna dogry düşünmeklige, şeýle hem saýlawçylaryň özleriniň saýlaw hukuklaryny kanunçylyga laýyklykda, erkin beýan etmeklerine ýardam eder diýip umyt edýäris.

Sözlükde ýokarda agzalanlardan başga-da milli kanunçylygymyzda, şeýle hem halkara kadalarynda ulanylýan döwlet gurluşyna degişli käbir adalgalara hem gysgaça düşündirişler berilýär.

## SAÝLAWLAR BOÝUNÇA ESASY ADALGALAR

***Saýlawlar*** – ses bermek arkaly dalaşgärleriň haýsy-da bolsa biriniň saýlanylmagyna gönükdirilen çäre. Bu söz raýatlaryň ýurduň jemgyýetçilik-syýasy durmuşyna işjeň gatnaşmagyny aňladýan düşünjedir.

Her bir raýatyň jemgyýetiň we döwletiň işlerini dolandyrmaga gös-göni gatnaşmagy diýlende, kanunlaryň taslamalarynyň ara alnyp maslahatlaşylmagyna, sala salşyklara gatnaşmagyna, saýlawly wezipelere saýlanmagyna, döwlet gullukçysy wezipelerinde işlemek mümkinçiligine düşünilýär.

Erkin saýlanylan wekilleriň üsti bilen jemgyýetiň we döwletiň işlerini dolandyrmaga gatnaşmak diýlende bolsa, raýatlaryň jemgyýeti we döwleti dolandyrmakda syýasy kararlary, kanunlary kabul etmek we halkyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmak işine gönükdirilen maksatnamalary durmuşa geçirmek üçin öz wekillerini saýlamaklygyna düşünilýär.

Umumy manyda aýdylanda, saýlawlar – bu ses bermeklik arkaly häkimiýetiň wekilçilikli edaralaryna wekilleri, wezipeli adamlary, guramalaryň ýolbaşçylaryny saýlamakdyr.

Saýlawlar demokratik döwletiň aýrylmaz alamatydyr.

Demokratik saýlawlar dört esasy ýörelgäni özünde jemleýän erkin saýlawlardyr.

**Demokratik saýlawlaryň esasy ýörelgeleri:**

– *Deň saýlawlar;*
– *Ählumumy saýlawlar;*
– *Göni saýlawlar;*
– *Gizlin ses bermek.*

***Deň saýlawlar*** raýatlaryň saýlawlara deň esaslarda gatnaşmagyny aňladýar.

Türkmenistanyň raýatlary saýlawlara deň esaslarda gatnaşýarlar. Her bir saýlawçynyň bir sesi bardyr.

***Ählumumy saýlawlar*** ýurduň saýlaw hukukly raýatlarynyň ählisiniň saýlawlarda saýlamaga we saýlanmaga gatnaşmaga hukugynyň bardygyny aňladýar.

Türkmenistanyň raýatlarynyň haýsy millete degişlidigine, teniniň reňkine, jynsyna, gelip çykyşyna, emläk hem wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, dine garaýşyna, syýasy ygtykadyna, haýsy partiýa degişlidigine ýa-da hiç partiýa degişli däldigine garamazdan, olaryň saýlamaga, saýlanmaga we sala salşyklara gatnaşmaga hukuklaryny göni ýa-da gytaklaýyn çäklendirmek gadagan edilýär.

Saýlawlara we sala salşyklara kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen raýatlar, azatlykdan mahrum ediliş ýerlerinde jeza çekýän adamlar gatnaşmaýarlar. Beýleki halatlarda raýatlaryň saýlaw hukuklarynyň çäklendirilmegine ýol berilmeýär we Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen jogapkärçilige eltýär.

***Göni saýlawlar*** saýlaw hukukly raýatlaryň dalaşgärlere gös-göni ses bermegidir.

Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlary, Halk maslahatlarynyň, Geňeşleriň agzalary raýatlar tarapyndan gös-göni saýlanylýarlar.

Türkmenistanyň raýatynyň saýlawlara gatnaşmagy erkin we meýletindir.

***Gizlin ses bermek*** saýlawlarda saýlawçynyň öz erk-islegini gizlin beýan etmegini aňladýar.

Saýlawçylar saýlaw uçastogynda gizlin ses bermek üçin goýlan saýlaw kabinasyna ýeke özi girip, özüniň islän dalaşgäriniň familiýasynyň deňinde bellik etmek, şeýle hem saýlaw býulletenini saýlaw gutusyna atmak arkaly gizlin ses bermegi amala aşyrýarlar.



Saýlawlarda ses bermek gizlindir. Saýlawçylaryň öz erkini beýan edişine gözegçilik etmäge ýol berilmeýär.

***Nobatdaky saýlawlar*** wezipeli adamyň ýa-da agzanyň kanunda bellenilen ygtyýarlyk möhleti tamamlananda geçirilýän saýlawlardyr.

Mysal hökmünde aýdanymyzda, Türkmenistanda Geňeşleriň agzalarynyň ygtyýarlyk möhleti üç ýyldyr. Geňeşleriň agzalarynyň ygtyýarlyk möhleti tamamlanan, ýagny saýlanylan wagtyndan bäri üç ýyl geçen bolsa, onda Geňeşleriň agzalarynyň nobatdaky saýlawlary geçirilýär.

***Möhletinden öň geçirilýän saýlawlar*** saýlawly edaranyň ýa-da şahsyň ygtyýarlygynyň bellenilen möhletinden öň bes edilende geçirilýän saýlawlardyr. Mysal üçin, Geňeşiň agzasynyň möhletinden öň ygtyýarlygyny tabşyrmagy ýa-da ygtyýarlygynyň ýatyrylmagy, şol saýlaw okrugynda möhletinden öň saýlawlary geçirmek zerurlygyny ýüze çykarýar.

***Esasy we goşmaça*** saýlawlar kanun çykaryjy edaralaryň wekilleriniň saýlawlary üçin geçirilýär.

***Esasy saýlawlar*** kanun çykaryjy edaranyň ähli düzümini saýlamak üçin geçirilýän saýlawlardyr.

***Goşmaça saýlawlar*** deputat möhletinden öň çykyp gidende ýa-da goşmaça wezipe birligi döredilen ýagdaýynda geçirilýän saýlawlardyr.

***Bölekleýin ýa-da rotasion saýlawlar*** kanun çykaryjy (wekilçilikli) edaranyň deputatlarynyň bir bölegini saýlamak üçin geçirilýän saýlawlardyr.

***Gaýtadan geçirilýän saýlawlar*** saýlaw topary ýa-da kazyýet tarapyndan ilkibaşky saýlawlar hakyky däl diýlip ykrar edilen ýagdaýynda geçirilýär.

Saýlawlar adamlaryň bileleşiginiň islendiginde ýolbaşçy wezipeleriň çalşyrylmagynyň bolup geçmegine kömek edýän iň demokratik usullaryň biri hasap edilýär.

***Sala salşyklar*** döwlet durmuşyndaky wajyp, möhüm meseleleriň çözülmegi üçin ählihalk ses berilmeginiň geçirilmegidir. Sala salşyklar ýurduň raýatlarynyň ses bermek arkaly döwlet häkimiýetini amala aşyrmaga gös-göni gatnaşmaklarynyň bir görnüşidir.

***«Sala salşyk»*** diýlen söz düzümi «referendum» diýlen latyn sözünden gelip çykandyr. Ol «aýdylmagy, diýilmegi, habar berilmegi hökmany, zerur» diýlen manyny aňladýar.

Türkmenistanda sala salşyklar ählumumy, deň, göni we gizlin ses bermek arkaly geçirilýär. Sala salşyklara Türkmenistanyň saýlaw hukukly raýatlary gatnaşýarlar.

***Sala salşyklaryň iki görnüşi bardyr:***

– ählihalk sala salşygy;

– ýerli sala salşyk.

Döwlet we jemgyýetçilik durmuşyna degişli möhüm meseleleri çözmek üçin *ählihalk* we *ýerli* sala salşyklary geçirilip bilner. Sala salşyga goýlan meseleler köplenç ýagdaýda «hawa», «ýok», «razy», «razy däl», «goldaýaryn», «goldamaýaryn» diýen jogaplar bilen girizilýär.

***Ählihalk sala salşygy*** ýurduň bütin çäginde geçirilýär. Oňa ýurduň saýlaw hukukly raýatlarynyň ählisi gatnaşýar. Ählihalk sala salşygynda şu meselelere seredilip bilner:

– kanunyň kabul edilmegi;

– hereket edýän kanunyň ýa-da onuň aýry-aýry düzgünleriniň üýtgedilmegi ýa-da ýatyrylmagy;

– kanunlaryň we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň esasy mazmunyny kesgitleýän çözgüdiň kabul edilmegi.

***Ýerli sala salşyk*** Türkmenistanda degişli etrapdaky şäheriň, şäherçäniň ýa-da geňeşligiň çäginde geçirilýär. Şu meseleler ýerli sala salşygynda seredilip bilner: geňeşiň kararyny üýtgetmek ýa-da ýatyrmak hakynda; ýerli ähmiýetli has möhüm meseleler boýunça kararlar kabul etmek hakynda we şuňa meňzeşler.

Dünýäde ilkinji gezek sala salşyklar 1449-njy ýylda Bern Respublikasynda (Şweýsariýa) geçirilipdir.

***Saýlaw senzi*** diýilýän düşünje saýlaw hukugyndan peýdalanmaklygy kanuny esasda çäklendirýän şerti aňladýar.

Saýlaw senzi aktiw saýlaw hukugy üçin bolşy ýaly, passiw saýlaw hukugy üçin hem bardyr. Käbir ýagdaýlarda olar biri-birine gabat gelýär. Emma olaryň biri-birine gabat gelmeýän pursatlary hem bolýar. Saýlawçylar üçin hem, dalaşgärler üçin hem mahsus talaplar bardyr.

Demokratik ýagdaýy kompetentsiz (ýeterliksiz bilimli) we ulgamsyz syýasy güýçlerden gorap saklamak üçin döwletleriň köpüsinde saýlawçylar we dalaşgärler üçin senzleriň esasy görnüşleri şu aşakdakylardyr:

– ýaşy boýunça
– oturymlylygy (raýatlygy) boýunça
– emlägi boýunça

***Ýaşy boýunça senz diýmek*** raýatlaryň saýlaw hukugyna eýe bolmak üçin kanunda talap edilýän ýaşynyň dolmagy bilen saýlawlara gatnaşyp, öz seslerini berip bilmeginiň şertini aňladýar. Şeýle hem dalaşgärlige hödürlemek boýunça belli bir ýaş aýratynlyklarynyň bolmagydyr. Mysal üçin, Türkmenistanyň 18 ýaşyny dolduran raýaty saýlawlarda ses bermäge gatnaşyp bilýär. Türkmenistanyň 25 ýaşy dolmadyk saýlaw hukukly raýaty Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlygyna dalaşgär bolup bilmeýär. Munuň özi Türkmenistanda saýlaw kanunçylygynyň şertidir.

***Oturymlylygy (raýatlygy) boýunça senz diýmek*** ýurduň çäginde ýa-da ilatly ýerde belli bir wagtda ýaşap gelýän saýlaw hukukly raýatyň saýlawlara gatnaşyp bilmeginiň şertini aňladýar. Mysal üçin, Türkmenistanda geçirilýän saýlawlara diňe Türkmenistanyň saýlaw hukukly raýatlarynyň gatnaşmaga hukugy bardyr.

Fransiýada 6 aý ýaşan adam geçirilýän ähli saýlawlarda öz sesini berip bilýär, Täze Zelandiýada bolsa ses bermäge gatnaşmak üçin şol saýlaw okrugynyň çäginde 3 aý ýaşamak ýeterlikdir.

***Emlägi boýunça senz diýmek*** saýlawlara emläk möçberi boýunça gatnaşmaklarynyň şertini aňladýar. Käbir döwletlerde dalaşgär bolmak üçin raýatyň kanunda bellenen möçberde girew goýmak üçin emläk derejesiniň ýeterlik bolmagy ýa-da saýlawçynyň kesgitlenen möçberlerde salgyt töleýjilik ukybynyň bolmagy hökmanydyr. Ýokarda görkezilen saýlaw senzlerinden başga-da ençeme senzler bar. Olar

bilimi, sowatlylygy, ahlagy, dini, jynsy, teniniň reňki, jenaýata çekilmegi bilen baglanyşykly, dil boýunça senzlerdir. XX asyrda dünýäde bu senzleri ulanmak tejribesinden el çekildi.

**Absenteizm** aktiw saýlaw hukukly raýatlaryň saýlawlarda ses bermäge gatnaşmazlygydyr. Bu söz «Absentia» diýen latyn sözünden gelip çykandyr. Ol bolmazlyk, gatnaşmazlyk diýmegi aňladýar.

Ählumumy, sebitleýin we ýerli saýlawlaryň geçirilýän ýurtlarynyň aglabasyna mahsus bolan absenteizm esasan hem, XX asyryň ikinji ýarymynda günbatar ýewropa ýurtlarynda has aýdyň ýüze çykypdyr. Şol ýurtlarda geçirilen saýlawlara saýlawçylaryň takmynan 25-30 göterime çenlisi, käbir halatlarda bolsa, ondan hem köp göterimi gatnaşmandyr.

**Passiw absenteizm.** Absenteizmiň esasy sebäpleriniň biri hem ilatyň käbir gatlagynyň syýasy we hukuk medeniýetiniň pesligi, syýasy ýagdaýa parhsyz bolmagy bilen baglydyr. Hut şonuň üçin hem muňa passiw absenteizm diýilýär.

**Aktiw absenteizm.** Saýlawçylaryň käbir syýasy sebäplere görä saýlawlara gatnaşmakdan ýüz döndermegi sebäpli ýüze çykýan ýagdaýdyr. Mysal üçin, käbir ýurtlarda prezident saýlawlary geçirilende saýlawçylaryň belli bir gatlagy tarapyndan dalaşgärleriň ählisiniň inkär edilmegi ýa-da sala salşyga girizilen mesele bilen ylalaşmazlygy sebäpli ýüze çykýan ýagdaýa aktiw absenteizm hökmünde baha berilýär. Saýlawlaryň saýlaw möwsüminiň guramaçylygynyň

pesdigi, ses beriljek senäniň şowsuz saýlanylandygy ýa-da ýaramaz howa şertleriniň bolandygy hem absenteizmiň ýüze çykmasyna täsir edýär.

**Saýlawçy.** Ýurduň aktiw saýlaw hukukly raýatyna saýlawçy diýilýär.

Saýlawçylaryň aktiw saýlaw hukugy, ýagny saýlamaga bolan hukugy hemme ýurtlarda birmeňzeş däldir. Käbir ýurtlarda 18 ýaşy dolan raýatyň saýlawlara gatnaşyp, ses bermäge hukugy bardyr. Mysal üçin, Türkmenistanda 18 ýaşan saýlaw hukukly raýat ses bermäge hukuklydyr. Dünýäniň käbir ýurtlarynda bolsa, 16 ýaşan raýatlar ses bermäge gatnaşmaga hukuklydyrlar.

***Praýmeriz*** – bu esasy saýlawlarda güýçli we meşhur dalaşgärleri hödürlemek maksady bilen partiýanyň içinde geçirilýän deslapky saýlawlardyr (iňlisçe *Primary elections* – deslapky saýlawlar).

Praýmeriz saýlawlarynda ýeňiş gazanyp bilmedik dalaşgär, prezident saýlawlaryna garaşsyz dalaşgär hökmünde gatnaşyp hem bilýär. Ol öz partiýasynyň goldawyny almazdan gatnaşyp bilýär. Praýmeriz saýlawlary açyk we ýapyk görnüşde geçirilip bilinýär. Açyk görnüşinde geçirilende oňa islendik adam ses berip bilýär. Praýmeriz saýlawlary ýapyk bolan ýagdaýynda oňa diňe partiýanyň agzalarynyň ses bermek hukuklary bar.

Praýmeriz saýlawlary **ýapyk** ýagdaýda-da geçirilýär. Şonda partiýanyň diňe hasaba alnan agzalary ses berip bilýärler.

**Ýarym ýapyk** geçirilende bolsa, ýönekeý saýlawçylar hem ses berip bilýärler. Ýöne partiýalaryň haýsam bolsa birinden hödürlenen dalaşgärlere ses berip bilýärler.

**Açyk** ýagdaýda geçirilen saýlawlarda bolsa, her bir partiýadan ähli isleg bildirýänler gatnaşyp bilerler.

**Elektorat.** Syýasy dilde saýlawça elektorat diýilýär. Elektorat «elector» diýen latyn sözünden gelip çykandyr we ol – «saýlawçy» diýen manyny aňladýar.

**Elektorat** prezident, parlament ýa-da ýerli saýlawlarda belli bir partiýalar üçin ses berýän saýlawçylaryň ýa-da anyk bir guramanyň tarapdarlarynyň toparydyr. «Elektorat» sözi ýurduň saýlaw korpusynyň sinonimi hökmünde has giň manyda ulanylýar.

Giň manyda alnanda, elektorat saýlawlara gatnaşmaga hukugy bolan raýatlardyr, ýagny saýlawçylardyr, has gysga manyda bolsa – belli bir partiýanyň tarapyna ses berýänlerdir. Adatça elektorat belli bir partiýa ýa-da dalaşgäre degişlidir. Mysal üçin, «Ösüş partiýasynyň elektoraty» şu pariýanyň tarapyna ses bermäge taýýarlanýanlardyr.

***Saýlaw hukugy*** raýatlaryň döwlet häkimiýet edaralaryna saýlamaga we saýlanmaga bolan hukugydyr.

Türkmenistanda raýatlaryň saýlaw hukugy raýatlaryň Türkmenistanyň Konstitusiýasynda we kanunlarynda göz öňünde tutulan saýlawlara we sala salşyklara gatnaşmak

hukugydyr. Saýlawlary we sala salşyklary erkin, adalatly, giň demokratik esaslarda geçirmek arkaly saýlaw hukugy durmuşa geçirilýär.

Saýlaw hukukly raýatlaryň aktiw we passiw saýlaw hukuklary bardyr:

***Aktiw saýlaw hukugy*** raýatlaryň saýlamaga bolan hukugydyr.

***Passiw saýlaw hukugy*** raýatlaryň saýlanylmaga bolan hukugydyr.

Käbir ýagdaýlarda raýatlar bu hukuklaryň ikisinden hem birlikde peýdalanýarlar. Saýlaw hukukly raýat dalaşgärlige hödürlenen we bellige alnan bolsa, ol raýat özüniň aktiw hem passiw hukugynyň ikisinden bilelikde peýdalanyp bilýär.

Saýlawlara kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen raýatlar, azatlykdan mahrum ediliş ýerlerinde jeza çekýän adamlar gatnaşmaýarlar. Beýleki halatlarda raýatlaryň saýlaw hukuklarynyň çäklendirilmegine ýol berilmeýär we Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen jogapkärçilige eltýär.

**Zenanlaryň saýlaw hukugy** zenanlaryň saýlawlara gatnaşmaga bolan hukugydyr. Bu hukuk zenanlaryň saýlamaga we saýlanmaga bolan hukugyny özünde jemleýär.

XIX asyra çenli zenanlaryň saýlaw hukugy çäklendirilipdir. Soňra zenanlaryň saýlaw hukugy üçin işjeňligiň ösüş döwri başlanýar. Bu XX asyryň ortalarynda zenanlaryň



saýlaw hukugynyň halkara kadalarynda berkemegine getiripdir. Ilkinji bolup zenanlaryň saýlaw hukugyny girizen döwletler Täze Zelandiýa (1893 ý.), Awstraliýa (1902 ý.), Russiýa (1906 ý.) hasap edilýär. Zenanlaryň saýlaw hukugyny iň soňky bolup girizen döwletler bolsa Kuweýt (2005 ý.), Birleşen Arap Emirlikleri (2006 ý.) we Saud Arabystanydyr (2011 ý.).

**Saýlaw hukugy iki manyny aňladýan ýuridiki düşünjedir:**

– obýektiw saýlaw hukugy;
– subýektiw saýlaw hukugy.

***Obýektiw saýlaw hukugy*** kanunyň düzgünleri we tejribe däpleriniň jemlenmegi, häkimiýetiň saýlawly edaralaryny döretmegiň usullaryny we raýatlaryň saýlawlara gatnaşmaga bolan hukuklarynyň tertibini sazlaşdyrýan hukuk kadalardan ybarat konstitusion hukukdyr (ýa-da giň manyly saýlaw hukugydyr).

***Subýektiw saýlaw hukugy*** ýurduň saýlaw hukukly raýatlarynyň saýlamaga we saýlanmaga bolan hukugydyr (ýa-da gysga manyly saýlaw hukugydyr).

***Saýlaw ulgamy*** diýip, saýlawlary geçirmek we ses bermegiň netijelerini takyklamak, saýlaw hukugyny üpjün etmekligiň tertibini düzgünleşdirmek boýunça ähli hukuk kadalaryny özünde jemleýän ulgama düşünilýär. «Saýlaw ulgamy» diýen düşünjäni gysgaça we giň manyda düşündirip bolar. Munuň özi dalaşgärleri hödürlemegiň, olara ses bermegiň we saýlawlaryň netijelerini takyklamagyň usullaryny aňladýar. Giň manyda alnanda bolsa, «Saýlaw ulgamy» diýip saýlawlary geçirmegiň guramaçylyk we hukuk esaslaryna düşünilýär.

**Saýlaw ulgamynyň iki esasy görnüşi.** Olar **mažoritar** we **proporsional** saýlaw ulgamlarydyr.

Häkimiýetiň bir guramasyna mažoritar we proporsional saýlaw ulgamynyň elementleriniň birleşmesi arkaly saýlawlar geçirilende, oňa köplenç **garyşyk saýlaw ulgamy** diýilýär.

**Mažoritar** sözi **«majorite»** diýen fransuz sözi bolup, «köpçülik» diýen manyny aňladýar. Taryhda ilkinji saýlaw ulgamy mažoritar saýlaw ulgamy bolupdyr.

Mažoritar saýlaw ulgamynda sesleriň bellenilen köplügini alan dalaşgär saýlanylan diýlip hasap edilýär. Şuňa baglylykda sesleriň bellenilen köplügi üç görnüşden ybaratdyr. Olar absolýut, otnositel we kwalifisirlenen görnüşlerdir.

***Absolýut köplügi*** görnüşinde – dalaşgär öz saýlaw okrugynda ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň sesleriniň ýarysyndan köpüsini alsa (50%+1 saýlawçynyň sesi), ol saýlanylan diýlip hasap edilýär.

***Otnositel köplügi*** görnüşinde – öz saýlaw okrugynda ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň sesleriniň iň köpüsini alan dalaşgär saýlanylan diýlip hasap edilýär.

***Kwalifisirlenen köplügi*** görnüşinde – dalaşgäriň degişli saýlaw okrugynda ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň näçesiniň sesini almalydygy kanun arkaly kesgitlenilýär. Mysal üçin, sesleriň 30%-den köpüsini alan dalaşgär saýlanylan diýlip hasap edilýär.

Türkmenistanda mažoritar saýlaw ulgamynyň absolýut köplügi görnüşi ulanylýar we şol saýlaw ulgamynyň düzgünlerine laýyklykda saýlawlar geçirilýär.

**Proporsional saýlaw ulgamy** – mandatlaryň wekilçilikli döwlet edaralaryna öz dalaşgärlerini hödürlän partiýa-

laryň arasynda saýlawlaryň dowamynda olaryň toplan sesleriniň möçberine laýyklykda paýlanylmagyna düşünilýär. Saýlawlar bu ulgamyň düzgünlerine laýyklykda amala aşyrylanda uly saýlaw okruglary döredilýär, her bir syýasy partiýa hem öz dalaşgärleriniň sanawyny hödürleýär.

Adatça saýlawlardan soňra deputatlaryň mandatlaryny partiýanyň içinde paýlamak, saýlaw mahalynda dalaşgärleriň sanawynda olaryň ýerleşiş tertibi boýunça amala aşyrylýar. Ýöne bu kada kanunçylykda berkidilmeýär.

Proporsional saýlaw ulgamy ilkinji gezek 1889-njy ýylda Belgiýada ulanylyp başlapdyr. Bu saýlaw ulgamy häzirki wagtda Ýewropa döwletleriniň birnäçesinde, şeýle hem umumy alanymyzda, dünýäde 60-dan gowrak döwletde parlament saýlawlary geçirilende ulanylýar.

***Saýlaw topary,*** munuň özi saýlawlara taýýarlyk görmek we geçirmek işlerini amala aşyrýan raýatlaryň toparydyr. Gysgaça aýdylanda, saýlawlary geçirmek üçin döredilýän guramadyr. Türkmenistanda saýlaw toparlarynyň düzümine wekiller (raýatlar) syýasy partiýalar, jemgyýetçilik birleşikleri we raýatlaryň toparlary tarapyndan hödürlenilýär. Saýlaw toparlarynyň düzüminiň sany kanun arkaly kesgitlenýär.

Saýlaw toparlary öz işlerini mejlisler görnüşinde amala aşyrýarlar. Şeýle diýildigi, saýlaw toparynyň agzalarynyň bir ýere ýygnanyp, maslahat geçirmek arkaly saýlawlara taýýarlyk görmek we geçirmek işlerini üpjün edýändiklerini aňladýar.

**Saýlaw toparlarynyň ulgamy.** Kanunçylyga laýyklykda saýlawlara taýýarlyk görmek we olary geçirmek boýunça degişli işleri amala aşyrýan saýlaw toparlary - saýlaw toparlarynyň ulgamyny emele getirýärler.

Türkmenistanyň saýlaw toparlarynyň ulgamyny aşakdaky toparlar emele getirýärler:

- Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek baradaky Merkezi topar (mundan beýläk – Merkezi saýlaw topary);
- Welaýatlaryň we welaýat hukukly şäherleriň saýlaw toparlary (mundan beýläk – welaýat saýlaw topary);
- Etraplaryň we etrap hukukly şäherleriň saýlaw toparlary (mundan beýläk – etrap saýlaw topary);
- Okrug saýlaw toparlary;
- Etrapdaky şäherleriň, şäherçeleriň we geňeşlikleriň saýlaw toparlary (mundan beýläk – geňeşlik saýlaw topary);
- Uçastok saýlaw toparlary.

**Merkezi saýlaw topary** öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde Türkmenistanda geçirilýän ähli saýlawlary we sala salşyklary geçirmegi guraýar.

Merkezi saýlaw toparynyň ygtyýarlyk möhleti bäş ýyldyr.

Merkezi saýlaw topary Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan Türkmenistanyň raýatlarynyň hataryndan – başlykdan, başlygyň orunbasaryndan, kätipden we on iki agzadan ybarat düzümde döredilýär.

Merkezi saýlaw toparynyň başlygy Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan tassyklanylýar.

## Türkmenistanyň saýlaw toparlarynyň ulgamy:



Merkezi saýlaw toparynyň işi mejlisler görnüşinde amala aşyrylýar. Merkezi saýlaw toparynyň mejlisi onuň ygtyýarlygyna degişli meseleleri erkin, açyk ara alyp maslahatlaşmak esasynda geçirilýär.

Merkezi saýlaw toparynyň kararlary açyk ses bermek arkaly sesleriň köplügi esasynda kabul edilýär we olaryň Türkmenistanyň çäginde ýerine ýetirilmegi hökmanydyr, şeýle hem döwlet bellige alnyşyna degişli däldir.

**Welaýat saýlaw toparlary** Merkezi saýlaw topary tarapyndan 9-13 agzadan ybarat düzümde döredilýär.

Saýlaw toparynyň düzümi ilatyň dykgatyna ýetirilýär. Welaýat saýlaw toparynyň ygtyýarlyk möhleti bäş ýyldyr.

Welaýat saýlaw toparlary degişli welaýatynyň çäginde saýlawlara we sala salşyklara taýýarlyk görülmegini we geçirilmegini üpjün edýär. Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär.

Welaýat saýlaw toparynyň ygtyýarlyklary Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 33-nji maddasynda doly beýan edilýär.

**Etrap, şäher saýlaw toparlary** degişli welaýat saýlaw topary tarapyndan 11-15 agzadan ybarat düzümde döredilýär. Ygtyýarlyk möhleti bäş ýyldyr.

Etrap, şäher saýlaw toparlary degişli etrabynyň (şäheriniň) çäginde Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär, uçastok we geňeşlik saýlaw toparlaryny, şeýle hem saýlaw uçastoklaryny döredýär, saýlawlara we sala salşyklara taýýarlyk görülmegini we geçirilmegini üpjün edýär.

Etrap, şäher saýlaw toparynyň ygtyýarlyklary Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 34-nji maddasynda doly görkezilendir.

**Okrug saýlaw toparlary** – bu saýlaw toparlary Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň saýlawlarynda döredilýär. Okrug saýlaw toparlary Merkezi saýlaw topary tarapyndan 9-11 agzadan ybarat düzümde döredilýär. Olaryň ygtyýarlyk möhleti bäş ýyldyr.

Okrug saýlaw toparlary öz degişli okrugynyň çäginde Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär, saýlawlara taýýarlyk görülmegini we olaryň geçirilmegini üpjün edýär.

Okrug saýlaw toparynyň ygtyýarlyklary Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 35-nji maddasynda doly beýan edilýär.

**Geňeşlik saýlaw toparlary** Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlarynda we ýerli sala salşygy geçirilende döredilýär.

Geňeşlik saýlaw toparlary degişli etrap (şäher) saýlaw topary tarapyndan saýlawlaryň, ýerli sala salşygyň geçiriljek gününe çenli azyndan altmyş gün galanda 7–11 agzadan ybarat düzümde döredilýär.

Geňeşlik saýlaw toparlary degişli etrapdaky şäheriniň, şäherçesiniň we geňeşliginiň çäginde Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär, saýlawlara we ýerli sala salşyga taýýarlyk görülmegini, olaryň guramaçylykly geçirilmegini üpjün edýär. Geňeşlik saýlaw toparlarynyň ygtyýarlyklary Geňeşiň saýlanylan

agzalarynyň ygtyýarlyklary ykrar edilenden soň ýa-da ýerli sala salşygyň jemleri kesgitlenilenden soň tamamlanýar. Geňeşlik saýlaw toparynyň ygtyýarlyklary Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 36-njy maddasynda doly ýerleşdirilendir.

**Uçastok saýlaw toparlary** ses bermegi guraýarlar we sesleri sanamak işlerini ýerine ýetirýärler, şeýle hem ses bermegiň netijeleri hakynda maglumatlary taýýarlap, ýokarda durýan degişli saýlaw toparyna berýär.

Uçastok saýlaw toparlary degişli etrap, şäher saýlaw toparlary tarapyndan 5-15 agzadan ybarat düzümde döredilýär. Zerur bolan halatlarda iň az sanda – üç agzadan ybarat düzümde hem döredilip bilner. Uçastok saýlaw toparynyň ygtyýarlyk möhleti bäş ýyldyr.

Türkmenistanyň daşary ýurt döwletlerindäki diplomatik wekilhanalarynyň (konsullyk edaralarynyň) ýanynda döredilen saýlaw uçastoklary boýunça uçastok saýlaw toparlaryny Merkezi saýlaw topary döredýär.

Uçastok saýlaw toparlarynyň ygtyýarlyk möhleti bäş ýyldyr.

**Saýlaw toparlarynyň işini guramak.** Saýlaw toparynyň başlygy, başlygynyň orunbasary we kätibi degişli toparyň birinji mejlisinde saýlanylýar, bu baradaky habar ilatyň dykgatyna ýetirilýär.

Saýlaw toparynyň birinji mejlisini toparyň iň ýaşuly agzasy açýar we toparyň başlygy saýlanylýança mejlisi alyp barýar.

Saýlaw toparynyň mejlisine toparyň düzüminiň azyndan üçden iki bölegi gatnaşýan bolsa, ol ygtyýarlydyr. Toparyň

karary açyk ses bermek arkaly toparyň düzüminiň sesleriniň köplügi bilen kabul edilýär.

Saýlaw toparynyň öz ygtyýarlyklarynyň çäginde kabul eden kararlary döwlet häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň, syýasy partiýalaryň we jemgyýetçilik birleşikleriniň, edaralaryň, guramalaryň, kärhanalaryň ýerine ýetirmekleri üçin hökmanydyr.

**Saýlaw toparlarynyň iş şertleriniň üpjün edilmegi.** Döwlet häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary, syýasy partiýalar, jemgyýetçilik birleşikleri, edaralar, guramalar, kärhanalar we wezipeli adamlar saýlaw toparlarynyň öz ygtyýarlyklaryny amala aşyrmagyna ýardam etmäge, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde olaryň işi üçin zerur bolan jaýlary, enjamlary, ulagy, saýlawlar we sala salşyk bilen baglanyşykly maglumatlary muzdsuz bermäge, saýlaw toparlarynyň öňde goýan meselelerine seretmäge we oňa üç günden gijä goýman jogap bermäge borçludyrlar.

**Saýlaw okrugy** – bu saýlawlara taýýarlyk görmek we geçirmek üçin bölünen çäkdir. Gysgaça aýdylanda, saýlaw okrugy – özünden saýlawly wekiller saýlanýan çäk birligidir. Saýlaw okrugy diýip, saýlawlary geçirmek üçin çäkleriň böleklere bölünmesine hem düşünilýär.

Saýlaw okruglarynda saýlawlar geçirilende çäkleri bölmeklik her bir saýlaw ulgamynyň wajyp häsiýetidir. Saýlaw okruglaryny döretmek indiki saýlaw işlerini ýaýbaňlandyrmak (okrug saýlaw toparyny döretmek; okrug boýunça da-

laşgärleri hödürlemek we bellige almak) üçin zerur şert bolup durýar.

**Saýlaw okruglarynyň iki görnüşi.** Olar *bir mandatly* we *köp mandatly* saýlaw okruglarydyr.

**Mandat** – degişli çäkde (saýlaw okrugynyň çägi) saýlanylmaly wekiliň sanyny görkezýär, ýagny saýlanmagyna ygtyýar berýän düşünjedir.

***Bir mandatly*** saýlaw okruglarynda bir deputat ýa-da bir agza saýlanylýar.

***Köp mandatly*** saýlaw okrugy. Bir saýlaw okrugy boýunça birnäçe deputat ýa-da birnäçe agza saýlanylsa, onda oňa köp mandatly saýlaw okrugy diýilýär.

Proporsional saýlaw ulgamy ulanylanda köp mandatly saýlaw okruglary döredilýär. Sebäbi, dürli-dürli dalaşgärleriň sanawlaryna ses bermegiň netijesinde mandatlary proporsional bölmek üçin olaryň sany ýeterlik bolmalydyr.

**Saýlaw uçastogy.** Bu saýlawçylaryň ses bermegini geçirmek we olaryň seslerini sanamak üçin döredilýän çäk birligidir. Başgaça aýdanymyzda, saýlawlarda, sala salşyklarda ses bermegi geçirmek üçin saýlaw kanunçylygynda saýlawçylaryň bellenilen sanyna laýyklykda, degişli saýlaw okrugynyň çäginden bölünen çägi öz içine alýan ilatly ýerdir.

Saýlawlarda, sala salşykda ses bermegi geçirmek üçin

şäheriň, şäherçäniň, obanyň çägi saýlaw uçastoklaryna bölünýär.

**Saýlawçylaryň sanawy** belli bir saýlaw uçastogynyň çäginde ýaşaýan saýlaw hukukly raýatlaryň sanawydyr.

Saýlawçylaryň sanawyny uçastok saýlaw topary düzýär.

Türkmenistanda saýlawçylaryň sanawynyň düzülişi aşakdaky tertipde alnyp barylýar.

Saýlawçylaryň sanawy her bir saýlaw uçastogy boýunça düzülýär we oňa uçastok saýlaw toparynyň başlygy bilen kätibi tarapyndan gol çekilýär. Uçastok saýlaw topary saýlawçylaryň sanawlaryny düzmek işine jemgyýetçilik wekillerini çekip biler.

Eger-de saýlaw uçastogynyň çäginde birden köp saýlaw okrugy ýerleşýän bolsa, onda saýlawçylaryň sanawy her bir saýlaw okrugy boýunça aýratynlykda düzülýär.

**Saýlawçylaryň sanawynyň düzülişi** iki görnüşde bolýar:

– Kagyza çap etmek;
– Elektron reýestr.

***Kagyza çap etmek*** diýlende, saýlawçylaryň sanawy kompýuterde, çap maşynlarynda ýa-da elde kagyza ýazmak, çap etmek arkaly düzülýän sanawa düşünilýär. Türkmenistanda saýlawçylaryň sanawynyň şu görnüşi ulanylýar.

***Elektron reýestr*** – saýlawçylaryň sanawynyň elektron görnüşidir. Elektron reýestrde ähli sanawlar kompýuterlerde

saklanyp, belli bir möhletlerde saýlawçylar baradaky maglumatlar degişli gulluklar tarapyndan täzelenip durulýar. Häzirki wagtda ýewropa ýurtlarynyň köpüsinde elektron reýestr ulanmak arkaly ses bermegiň elektron görnüşi ýola goýlandyr. Elektron ses bermek internet ulgamynyň üsti bilen amala aşyrylýar.

Türkmenistanda saýlawlar geçirilende saýlawçylaryň sanawynyň birnäçe görnüşi ulanylýar:

– Saýlawçylaryň umumy sanawy;
– Saýlawçylaryň goşmaça sanawy.

***Saýlawçylaryň umumy sanawyna*** saýlawlaryň geçiriljek gününe çenli on sekiz ýaşy dolan (saýlawlar güni hem), şol saýlaw uçastogynyň çäginde hemişelik ýa-da köplenç (saýlawlaryň geçiriljek gününe çenli azyndan soňky üç aýyň dowamynda) ýaşaýan we saýlaw hukugy bolan Türkmenistanyň raýatlary girizilýär.

***Saýlawçylaryň goşmaça sanawyna*** Türkmenistanyň saýlaw hukugy bolan raýaty, haýsydyr bir sebäbe görä, saýlawçylaryň umumy sanawyna girizilmedik bolsa, şol saýlawçy girizilýär.

Her bir saýlawçy saýlawçylaryň sanawyna diňe bir saýlaw uçastogynda girizilip bilner.

**Dalaşgär** haýsy hem bolsa bir saýlawly wezipä (Prezident, deputat, agza) saýlanmak üçin dalaş edýän we sese goýulýan saýlaw hukukly raýatdyr. Dalaşgär partiýalar (kä döwletlerde jemgyýetçilik-syýasy birleşmeler) tarapyndan,

şeýle hem olardan garaşsyz ýagdaýda, köpçüligiň saýlawly wezipesine sese goýulýan şahsdyr.

Birinji ýagdaýda bu wezipä saýlanýan, ikinjiden parlamentiň deputatlygyna saýlanýan dalaşgärler bardyr.

**Dalaşgärlige hödürlemek** syýasy partiýalaryň, raýatlaryň toparlarynyň kanunda bellenilen tertibe laýyklykda, saýlawly wezipelere öz wekillerini hödürlemegidir.

Türkmenistanda dalaşgär hödürlemeklige hukugy bolan syýasy partiýalar we raýatlaryň toparlary tarapyndan saýlaw hukukly raýatlar dalaşgärlige hödürlenilýärler.

**Türkmenistanda dalaşgärleri hödürlemegiň tertibi.** Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, Saýlaw kodeksine laýyklykda dalaşgärleri hödürlemek hukugy saýlawlaryň bellenen gününe çenli bellige alnan syýasy partiýalara we raýatlaryň toparlaryna degişlidir.

Hödürlenilen wagtyna çenli iş kesilenlik aýyby öz-özünden aýrylmadyk ýa-da kanunda bellenilen tertipde aýrylmadyk adam dalaşgär hödürlenilip bilinmez.

Dalaşgärleri hödürlemek saýlawlara altmyş gün galanda başlanyp, otuz gün galanda tamamlanýar.

***Dalaşgäri bellige almak*** diýlende, saýlaw kanunçylygynyň talaplary berjaý edilip, dalaşgärlige hödürlenilen saýlaw hukukly raýatyň degişli saýlaw topary tarapyndan bellige alnyp, oňa dalaşgäriň ygtyýarlyklarynyň berilmegine düşünilýär.

**Dalaşgärleriň hukuklary** – kanunçylyga laýyklykda saýlaw möwsüminde dalaşgäriň wagyz işlerini erkin geçirmäge bolan ygtyýarlygydyr.

Dalaşgärleriň hukuklary kanun arkaly kesgitlenilýär. Dalaşgärleriň bellige alnan pursadyndan beýläk saýlawlaryň öň ýanynda geçirilýän mejlislerde, ýygnaklarda, köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde çykyş etmäge deň hukuklary bardyr.

**Dalaşgäriň ynanylan adamlary** bellige alnan dalaşgärler tarapyndan bellenilýän saýlaw hukukly raýatlardyr.

Dalaşgärleriň ynanylan adamlaryny bellemegiň düzgünleri her ýurduň öz saýlaw kanunçylygynda bellenendir. Dalaşgärleriň ynanylan adamlaryny bellemek her bir dalaşgäriň öz islegine görädir, ol dalaşgärleriň hukugydyr. Dalaşgäriň ynanylan adamlary saýlaw möwsümini geçirmekde dalaşgäre kömek berýärler, onuň saýlanmagy ugrunda wagyz işini alyp barýarlar.

**Saýlaw möwsümi** bu kanunçylykda bellenen tertipde saýlawlara taýýarlyk görmek we ony guramaçylykly geçirmek boýunça işleri amala aşyrmak üçin degişli saýlaw topary tarapyndan bellenilen möhletdir.

Türkmenistanda saýlaw möwsümi dalaşgärleri erkin we deňhukukly hödürlemek, aýanlyk we açyklyk, wagyz erkinligi başlangyçlarynda, ähli dalaşgärler üçin deň mümkinçiliklerde amala aşyrylýar.

**Saýlawlaryň maglumat üpjünçiligi** raýatlaryň öz erkini düşünjeli beýan etmegine, saýlawlaryň aýanlygyna

ýardam etjek saýlawçylaryň habarly edilmegini we wagyz işleriniň geçirilmegini öz içine alýar.

Saýlawlaryň maglumat üpjünçiligi saýlawçylary habarly etmegi we wagyz işlerini öz içine alýar.

***Saýlawçylary habarly etmek*** saýlaw möwsüminde saýlaw toparlary tarapyndan alnyp barylýan işler we saýlawlara degişli geçirilýän çäreler barada ilatyň dykgatyna ýetirmekdir.

Türkmenistanda saýlawçylary habarly etmek Türkmenistanyň Saýlaw kodeksine we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda saýlaw toparlary, döwlet häkimiýet, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri, ýuridik we fiziki şahslar tarapyndan amala aşyrylýar.

Köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde ýerleşdirilýän ýa-da beýleki usullar bilen ýaýradylýan habarlaýyn maglumatlaryň mazmuny dogruçyl, hakyky bolmalydyr, dalaşgärleriň deňligini bozmaly däldir, olarda haýsydyr bir dalaşgär ileri tutulmaly däldir.

***Wagyz işleri*** saýlawlarda dalaşgäriň tarapyna ses bermeklige çagyrmak we onuň saýlanmagy ugrunda geçirilýän çärelerdir.

Saýlaw möwsümi döwründe amala aşyrylýan şu işler wagyz işleri hökmünde ykrar edilýär:

– ol ýa-da beýleki dalaşgäre ses bermäge çagyryşlar;

– dalaşgäri saýlamagyň mümkin bolan netijelerini beýan etmek;

– dalaşgärleriň haýsydyr biri barada hakyky maglumatly habarlary ýaýratmak.

Dalaşgärleriň, teklipçi toparlaryň deň derejede köpçülikleýin habar beriş serişdelerinden peýdalanyp bilmegi kepillendirilýär.

Saýlawlar geçirilende wagyz işleri şu görnüşlerde amala aşyrylyp bilner:

– köpçülikleýin habar beriş serişdeleri arkaly;

– köpçülikleýin çäreleri (saýlawçylar bilen ýygnaklary we duşuşyklary, açyk çekişmeleri we ara alyp maslahatlaşmalary) geçirmek bilen;

– wagyz maglumatlaryny çykarmak we ýaýratmak bilen;

– kanun tarapyndan gadagan edilmedik beýleki görnüşlerde.

***Saýlawlary maliýeleşdirmek*** saýlawlara taýýarlyk görmek we geçirmek boýunça işleri ýerine ýetirmek üçin maliýe (pul) serişdesi bilen üpjün etmekdir.

Türkmenistanda saýlawlara taýýarlyk görmegiň we geçirmegiň çykdajylary Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýär.

Saýlawlary maliýeleşdirmegiň tertibi Merkezi saýlaw topary tarapyndan Türkmenistanyň Maliýe ministrligi bilen ylalaşylyp bellenilýär.

**Serişdeleriň harçlanyşyna gözegçilik** – bu saýlawlara taýýarlyk görmek we geçirmek üçin döwlet býujetinden bölünip berlen serişdeleriň maksatlaýyn harçlanylyşyna geçirilýän gözegçilikdir.

**Saýlaw býulleteni** saýlawçylaryň erk-isleginiň ýazmaça subutnamasydyr. Saýlaw býulleteni – «ballot-paper, voting-paper» diýen iňlis sözünden bolup, saýlawlarda gizlin ses bermegi amala aşyrmak üçin saýlawçylara berilýän, kesgitli görnüşde sözleri jemläp düzülýän we bellenilen tertipde tassyklanylýan, şeýle hem berk hasabatlylygy talap edýän resminamadyr.

Türkmenistanda geçirilýän saýlawlarda saýlaw býulletene saýlaw okrugy boýunça bellige alnan dalaşgärleriň hemmesi girizilip, onda her bir dalaşgäriň familiýasy (elipbiý tertibinde), ady, atasynyň ady, işleýän ýeri, eýeleýän wezipesi (käri) we ýaşaýan ýeri görkezilýär. Ählihalk sala salşygynda saýlaw býulleteniniň ýazgysyny Merkezi saýlaw topary, ýerli sala salşykda bolsa geňeşlik saýlaw topary tassyklaýar. Saýlaw býulleteninde sala salşyga goýlan meseläniň kesgitlemesi we ses berýän sala salşyga gatnaşyjynyň erk-isleginiň görnüşleri: sese goýluşyna baglylykda «tarapyna» ýa-da «garşysyna» görnüşleri bellenilýär.

**Ses bermek** saýlawçynyň saýlawlara gatnaşyp, öz erk-islegini erkin beýan etmegidir.

Saýlawlara gatnaşmaga hukugy bolan raýatlar saýlawlarda ses bermek bilen, özleriniň aktiw saýlaw hukugyndan peýdalanýarlar.

Türkmenistanyň on sekiz ýaşy dolan raýatlarynyň saýlamaga gatnaşmaga hukugy bardyr. Saýlawlara kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen raýatlar, azatlykdan mahrum ediliş ýerlerinde jeza çekýän adamlar

 

gatnaşmaýarlar. Beýleki halatlarda raýatlaryň saýlaw hukuklarynyň çäklendirilmegine ýol berilmeýär we Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen jogapkärçilige eltýär.

Raýatlaryň öz erk-isleglerini erkin beýan etmekleri üçin saýlaw toparlary tarapyndan ähli şertler döredilýär.

**Ses bermegi guramak** diýlende, ses bermekligi geçirmek we saýlawçylara öz erk-islegini erkin beýan etmegi üçin amatly şertleri döretmek boýunça alnyp barylýan guramaçylyk işlerine düşünilýär.

Saýlaw uçastogy döredilende ses bermek üçin ýörite jaýlar, otaglar kesgitlenilýär, oňa saýlaw uçastogynyň merkezi hem diýilýär. Ses berilýän jaýlarda (otagda) saýlaw kabinalarynyň, gutularynyň we ýazuw esbaplarynyň (galamdan başgasy) ýeterlik möçberleri goýulýar. Şeýle hem uçastok saýlaw toparynyň agzalary, synçylar üçin amatly iş şertleri döredilýär, ýagny iş stollary, oturgyçlar we olaryň öz ygtyýarlyklaryny amala aşyrmagy üçin zerur bolan beýleki enjamlar bilen üpjün edilýär.

Uçastok saýlaw topary saýlaw býulletenleriniň berilýän

we saýlaw gutusynyň goýulýan ýerlerini öňünden anyklaýar. Saýlaw gutusy goýlanda ses berýänler onuň ýanyna barýarka kabinalaryň üstünden hökman geçer ýaly, saýlaw kabinalary we gutylary uçastok saýlaw toparynyň agzalaryna, synçylara görner ýaly edilip goýulýar.

Uçastok saýlaw topary ses bermegiň guralmagy, saýlawçylaryň öz erkini beýan etmeginiň gizlinliginiň üpjün edilmegi, ses berilýän jaýlaryň (otaglaryň) enjamlaşdyrylmagy we olarda tertip-düzgüniň berjaý edilmegi üçin jogapkärçilik çekýär.

**Ses bermek** saýlaw hukukly raýatlaryň saýlawlara gatnaşmak bilen öz saýlaw hukugyndan peýdalanmagydyr.

Her bir saýlawçynyň özi ses berýär, başga adamlaryň ýerine ses berilmegine ýol berilmeýär.

Türkmenistanda geçirilýän saýlawlarda ses bermekligiň üç görnüşi bardyr:

– saýlawlar gününden öň ses bermek;

– saýlawlar güni ses bermek;

– saýlawlar güni ses berilýän jaýdan daşarda ses bermek.

**Saýlawlar gününden öň ses bermek** haýsydyr bir sebäplere görä, saýlawlar güni öz ýaşaýan ýerinde bolup bilmejek saýlawçynyň saýlawlar gününden öň saýlaw uçastogyna gelip ses bermegidir.

Her bir saýlawçy saýlaw uçastogynda öňünden ses bermäge hukuklydyr.

Türkmenistanda öňünden ses bermek saýlawlaryň geçiriljek gününe çenli on gün galandan başlap saýlaw uçastogynda geçirilip bilner. Ses bermek Türkmenistanyň Saýlaw kodeksinde bellenilen tertibe laýyklykda geçirilýär.

**Saýlawlar güni ses bermek** – saýlawlaryň geçirilýän güni ses bermekdir.

Şunda saýlawçylar saýlaw uçastogyna gelip ýa-da jaýdan daşarda ses bermäge gatnaşýarlar. Saýlawlarda saýlawçy dalaşgärleriň haýsysynyň tarapyna ses berýän bolsa, saýlaw býulleteninde şonuň familiýasynyň deňinde bellik edýär.











***Saýlawlar güni ses berilýän jaýdan daşarda ses bermek.***

Ses berilýän jaýdan daşarda ses bermek – bu ses berilýän jaýa sebäpli (saglyk ýagdaýy, maýyplygy we ş.m. boýunça) özbaşdak gelip bilmeýän saýlawçylaryň öz öýlerinde, hassahanada ýa-da başga bir ýerlerde ses bermegidir. Ses bermegiň bu görnüşi diňe saýlawlar güni we saýlawçynyň ýüztutmasy esasynda geçirilýär. Ýüztutmalar ýazmaça ýa-da dilden bolup biler.

Uçastok saýlaw topary şol saýlaw uçastogynda saýlawçylaryň sanawyna girizilen saýlawçylara jaýdan daşarda ses bermäge gatnaşmak mümkinçiligini üpjün etmäge borçludyr.

**Synçy** saýlawlara taýýarlyk görmek we geçirmek boýunça amala aşyrylýan işlere syn etmäge ygtyýarly adamdyr.

Synçylar ses bermegiň geçirilişine, sesleriň sanalyşyna, ses bermegiň netijeleriniň takyklanylyşyna, saýlawlaryň jemleriniň jemlenilişine we saýlaw toparlarynyň beýleki alyp barýan işlerine syn etmäge hukuklydyrlar.

**Synçylar iki görnüşde bolýar:**

- milli synçylar;
- daşary ýurtlaryň, halkara guramalarynyň (mundan beýläk – daşary ýurt (halkara)) synçylary.

**Milli synçylar** Türkmenistanyň syýasy partiýalary, jemgyýetçilik birleşikleri we raýatlar toparlary hem-de da-




**SAÝLAW UÇASTOGYNYŇ ÝERLEŞIŞ TERTIBI:**

**A.** Uçastok saýlaw toparynyň agzalary.
**B.** Uçastok saýlaw toparynyň başlygy, orunbasary we kätibi.
**Ç.** Synçylar, dalaşgärleriň ynanylan adamlary.

**SAÝLAWÇYNYŇ SES BERMEGINIŇ HEREKETLERI:**

1. Saýlawçynyň resminamasyny barlamak, bellik etmek we býulleten bermek.
2. Kabinada ses bermek.
3. Býulleteni saýlaw gutusyna atmak.
4. Saýlaw uçastogyndan çykmak.

laşgärler tarapyndan bellenilýän synçylardyr. Olar Türkmenistanyň raýatlarydyr. Milli synçylary bellemegi syýasy partiýalar, jemgyýetçilik birleşikleri öz ýerli guramalarynyň mejlislerinde, raýatlar toparlary öz ýygnaklarynda amala aşyrýarlar.

Milli synçylar Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlarynda Merkezi saýlaw toparynda, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň, halk maslahatlarynyň, Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlarynda – degişli welaýat saýlaw toparlarynda bellige alynýar. Olara bellenilen nusgadaky şahsyýetnama berilýär.

**Daşary ýurt (halkara) synçylary** daşary ýurtlar we halkara guramalary tarapyndan bellenilen synçylardyr.

**Daşary ýurtlaryň synçylary** haýsy hem bolsa bir ýurduň wekillerinden ybarat synçylarydyr.

***Halkara guramalarynyň synçylary*** halkara guramalar tarapyndan bellenilýän synçylardyr. Bu synçylar topar (missiýa) döretmek arkaly öz ygtyýarlyklaryny amala aşyrýarlar.

Daşary ýurt (halkara) synçylary saýlawlaryň bellenilen gününden soň Türkmenistanyň Prezidenti, Merkezi saýlaw topary tarapyndan çagyrylyp bilner.

Daşary ýurt synçylaryny resmi taýdan bellige almak çakylyk haty bar bolan halatynda Merkezi saýlaw topary tarapyndan amala aşyrylýar. Merkezi saýlaw topary daşary ýurt synçysyna bellenilen nusgadaky şahsyýetnamany berýär.

Olaryň işi Türkmenistanyň Saýlaw kodeksi we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary, halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalary bilen düzgünleşdirilýär.

**Syn etmegiň görnüşleri.** Saýlawlara taýýarlyk görmegiň barşyna we ses berilişiniň geçirilişine syn etmegiň iki görnüşi bardyr:

- uzak möhletleýin syn etmek;
- gysga möhletleýin syn etmek.

***Uzak möhletleýin syn etmek*** saýlaw möwsümi yglan edilenden başlap, saýlawlaryň netijeleri resmi taýdan çap edilen güne çenli döwürde amala aşyrylan işlere syn etmekdir.

Halkara guramalarynyň synçylar toparlary özleriniň birnäçe wekillerini uzak möhletleýin syn etmeklige belleýärler. Şol döwürde olar synçylar toparyny döretmek işlerini hem ýerine ýetirýärler.

***Gysga möhletleýin syn etmek*** ses bermegiň geçirilişine, sesler sanalanda, saýlawlaryň netijeleri kesgitlenilende syn etmekdir.

Bu döwür saýlawlar gününden birnäçe gün (bäş gün) öň saýlaw uçastoklarynyň enjamlaşdyrylyşyny, ses bermegiň geçirilişi, sesleriň sanalyşy, saýlawlaryň jemleriniň jemlenmegi we yglan edilmegi boýunça alnyp barylýan işlere syn etmeklik döwrüni öz içine alýar.

**Saýlawlaryň netijeleri** sesleri sanamak we saýlawlaryň jemlerini kesgitlemek arkaly saýlanylany anyklamakdyr.

**Sesleri sanamak** ses bermek tamamlanandan soňra, her bir dalaşgäriň tarapyna berlen sesleri aýratynlykda jemlemekdir.

Ses bermek üçin goýlan saýlaw gutularyny ses bermek tamamlandy diýlip yglan edileninden soň açylýar. Ses bermek tamamlanmanka saýlaw gutularyny açmak gadagandyr. Saýlaw gutularynyň açylmagynyň öň ýanynda uçastok saýlaw topary peýdalanylmadyk saýlaw býulletenleriniň ählisini sanaýar we ulanylmaz ýaly edýär.

Saýlaw uçastogynda sesler her bir saýlaw okrugynda dalaşgärleriň her biri boýunça aýratynlykda sanalýar.

***Saýlawlaryň jemini kesgitlemek.*** Ses bermegiň netijeleri hakyndaky uçastok saýlaw toparlarynyň teswirnamalarynyň esasynda saýlaw okruglary (okrugy) boýunça saýlawlaryň jemi ýokarda durýan degişli saýlaw toparynyň mejlisinde kesgitlenilýär. Bu saýlawlaryň jemini kesgitlemekdir.

Degişli saýlaw topary her saýlaw okrugy boýunça saýlawlaryň netijesi hakynda teswirnama düzýär. Saýlaw topary teswirnama düzülenden soň saýlawlaryň netijesini yglan edýär. Teswirnamanyň nusgalary saýlaw toparynyň jaýynda hemmeleriň tanyşmagy üçin goýulýar.

Saýlawlarda ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň sesleriniň ýarysyndan köpüsini alan dalaşgär saýlanylan diýlip hasap edilýär.

**Gaýtadan ses bermek** saýlaw okrugy boýunça hiç bir dalaşgär saýlanylmadyk ýagdaýynda saýlawçylaryň öz hukuklaryndan gaýtadan peýdalanmaklarydyr.

**Saýlawlary gaýtadan geçirmek** diýip umumy saýlawlarda ýa-da saýlawlardan soň gaýtadan ses berlende saýlaw okrugynda sese goýlan dalaşgärleriň hiç biri hem saýlanylmadyk bolsa ýa-da saýlawlar hakyky däl diýlip ykrar edilende geçirilýän saýlawlara düşünilýär.

Köp ýurtlarda saýlawlary gaýtadan geçirmek umumy saýlawlardan soň üç hepdeden gijä goýman bellenilýär we habar ilatyň dykgatyna ýetirilýär.

Gaýtadan saýlawlar umumy saýlawlary geçirmek üçin düzülen saýlawçylaryň sanawlary esasynda geçirilýär.

Türkmenistanda gaýtadan geçirilýän saýlawlar umumy saýlawlardan soň üç aý möhletden gijä goýman Türkmenistanyň Saýlaw kodeksine laýyklykda geçirilýär.

**Saýlawlarda şikaýatlar** kanunda bellenen adam hukuklarynyň we azatlyklarynyň bozulandygy barada döwlet, jemgyýetçilik ýa-da halkara guramalaryna, olaryň wezipeli şahslaryna ýüz tutulmagydyr. Gysgaça aýdanymyzda, şikaýat – döwlet edarasyna ýa-da jemgyýetçilik guramasyna ýazmaça ýa-da dilden ýüz tutulmagydyr. Şikaýatlar dilden ýa-da ýazmaça gönüşde bolup biler. Onda bellibir edaranyň ýa-da wezipeli adamyň haýsy hem bolsa bir raýatyň hukuklaryny kanuny bähbitlerini bozýan bikanun hem nädogry hereketleri hakynda şikaýat edilýär.

Kanuny döwletlerde şikaýat bilen ýüz tutan şahsyýet özüniň şikaýatyna seredilmeginiň netijeleri barada maglumat alýar.

Türkmenistanda saýlaw toparlarynyň, olaryň wezipeli adamlarynyň raýatlaryň saýlaw hukugyny, saýlaw kanunçylygynyň we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň talaplaryny bozýan kararlaryna we (ýa-da) hereketlerine (hereketsizligine) ýokarda durýan saýlaw toparyna şikaýat edilip bilinýär.

***Hereketine şikaýat edilmegi*** diýlende, haýsy hem bolsa şikaýat edilýän saýlaw toparynyň, edaralaryň ýa-da wezipeli şahslaryň raýatlaryň saýlaw hukugyny, saýlaw kanunçylygynyň we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň talaplaryny bozýan hereketlerine nägilelik bildirilip edilýän şikaýatlara düşünilýär.

***Hereketsizligine şikaýat edilmegi*** diýlende bolsa, saýlaw toparlary, edaralar ýa-da wezipeli şahslar tarapyndan saýlaw kanunçylygynda bellenen möhletlerde amala aşyrylmaly işleriň bellenen möhletlerde ýerine ýetirmek üçin degişli hereketleriň edilmeýändigine, ýagny hereketsizlige nägilelik bildirilip edilýän şikaýatlara düşünilýär.

**Raýatlaryň saýlaw hukuklarynyň kepillikleri** raýatlaryň saýlawlara we sala salşyklara gatnaşmak hukuklarynyň durmuşa geçirilmegini üpjün edýän, ýurduň kanunçylygynda bellenilen guramaçylyk, hukuk we gaýry çärelerdir.

Saýlaw hukugyny durmuşa geçirmek giň demokratik esasda erkin we adalatly saýlawlary we sala salşyklary geçirmek arkaly üpjün edilýär.

**Türkmenistanyň raýatlarynyň saýlaw hukuklarynyň kepillikleriniň ulgamy.** Türkmenistanyň raýatlarynyň saýlaw hukuklarynyň kepillikleriniň ulgamyny şular düzýär:

- *kanunçylyk kepillikleri;*
- *hukuk kepillikleri;*
- *ykdysady kepillikleri;*
- *guramaçylyk kepillikleri;*
- *habar kepillikleri.*

***Kanunçylyk kepillikleri*** Türkmenistanyň Konstitusiýasy, Türkmenistanyň Saýlaw kodeksi we saýlaw işine, sala salşyga gatnaşyjylaryň hukuk ýagdaýyny kesgitleýän we saýlawlara we sala salşyklara taýýarlyk görmek we geçirmek baradaky gatnaşyklary düzgünleşdirýän Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen kepillendirilýän Türkmenistanyň raýatlarynyň saýlaw hukuklarydyr.

***Hukuk kepillikleri*** Türkmenistanyň Konstitusiýasynda we kanunlarynda, halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalarynda bellenilen raýatlaryň öz erkini, olaryň saýlaw hukuklarynyň goragyny, şol sanda kazyýet goragyny, saýlawly edaralara dalaşgärleriň şahsy eldegrilmesizligini üpjün etmek boýunça raýatlaryň saýlawlara we sala salşyk-

lara netijeli gatnaşmagy üçin şertleri döretmäge gönükdirilen çärelerdir.

***Ykdysady kepillikleri*** saýlawlara we sala salşyklara taýýarlyk görmek we geçirmek bilen baglanyşykly çykdajylary Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna amala aşyrmak arkaly raýatlaryň saýlawlara we sala salşyga gatnaşmagy üçin deň ykdysady we maliýe mümkinçilikleriň berilmeginiň döwlet tarapyndan kepillendirilmegidir.

***Guramaçylyk kepillikleri*** saýlaw okruglaryny, uçastoklaryny, saýlaw toparlaryny döretmek we olaryň işini üpjün etmek, saýlawçylaryň sanawlaryny düzmek, dalaşgärleri hödürlemek, dalaşgärleri, sala salşygyň meselelerini, synçylary, dalaşgärleriň ynanylan adamlaryny, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekillerini bellige almak, wagyz işlerini geçirmek, ses bermegi guramak we ses bermegiň jemlerini jemlemek boýunça döwlet edaralary, syýasy partiýalar, jemgyýetçilik birleşikleri, raýatlar toparlary tarapyndan amala aşyrylýan çärelerden, şeýle hem saýlawlary we sala salşyklary guramak bilen baglanyşykly gaýry işlerden ybarat bolan kepilliklerdir.

***Habar kepillikleri*** saýlaw we sala salşyk işleriniň aýanlyk we raýatlaryň giňden habarly edilmegi esasynda amala aşyrylmagynyň kepilligidir. Saýlawlaryň we sala salşyklaryň maglumat üpjünçiligi raýatlaryň öz erkini düşünjeli

beýan etmegine, saýlawlaryň we sala salşyklaryň aýanlygyna ýardam etjek saýlawçylaryň habarly edilmegini we wagyz işleriniň geçirilmegini öz içine alýar. Türkmenistanyň raýatlaryna saýlawlara we sala salşyga taýýarlyk görmegiň we geçirmegiň meseleleri boýunça habar almak we ýaýratmak hukugy kepillendirilýär. Şu maksat bilen saýlaw toparlary, döwlet edaralary, syýasy partiýalar we jemgyýetçilik birleşikleri, raýatlar, köpçülikleýin habar beriş serişdelerini we habar ýetirmegiň beýleki umumy elýeter usullaryny peýdalanmak hukugyna eýedirler.

## DÖWLET GURLUŞYNA DEGIŞLI KÄBIR ADALGALAR

**Konstitusiýa** – ýurduň hukuk ulgamynyň binýadydyr, döwletliligiň we kanun tertibiniň esasydyr. Konstitusiýa sözi «constitutio» diýen latyn sözünden emele gelip, ol «gurmak, dikeltmek, döretmek» diýen manylary aňladýar.

Konstitusiýa döwletiň tutuş hereket edýän kanunçylygynyň esasy binýadydyr.

Has giňişleýin aýdylanda, Konstitusiýa döwletiň jemgyýetçilik we döwlet gurluşyny, häkimiýetiň wekilçilikli edaralarynyň, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň döredilmeginiň, işlemeginiň, işiniň üýtgedilmeginiň we bes edilmeginiň tertibini hem-de ýörelgelerini, saýlawlar we sala salşyklar ulgamynyň gurluşyny, raýatlaryň esasy hukuklaryny we borçlaryny, döwletiň häkimiýet şahalarynyň gurluşyny we häkimiýet şahalarynyň edaralarynyň hem-de wezipeli adamlarynyň ygtyýarlyklaryny kesgitleýän ýurduň esasy kanunydyr. Türkmenistanyň Konstitusiýasy döwletimiziň hukuk binýadynyň esasyny kesgitleýär. Konstitusion kadalarda adam we raýat esasy orny eýeleýär.

Konstitusiýanyň wezipeleri – bu onuň jemgyýetçilik gatnaşyklaryna täsiriniň esasy ugurlary, ýagny onuň jem-

gyýetçilik maksady we ony amala aşyrmagyň usullarydyr. Umumy ykrar edilen wezipeler bolup şular çykyş edýär:

- *hukuk* – Konstitusiýa jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyryjy hökmünde çykyş edýär, Türkmenistanyň hukugynyň esasy çeşmesi, ýokary hukuk güýjüne eýe bolup durýar;

- *syýasy* – Türkmenistanyň Konstitusiýasy syýasy ulgamyň hukuk esasyny, konstitusion gurluşy kesgitleýär, jemgyýetde syýasy özgertmeleri kadalaşdyrýar;

- *terbiýeleýji (ideologik)* – Konstitusiýa raýatlaryň Esasy Kanuna we tutuş kanunçylyga hormat goýmagyny öwredýär, onuň kadalary terbiýeleýji häsiýete eýe bolup, döwletiň we adamyň, döwletiň we jemgyýetiň özara gatnaşyklarynyň esaslaryny kesgitleýär.

Ýokarda agzalan esasy wezipeler bilen bir hatarda konstitusion kadalaryň şu wezipeleri: esaslandyryjylyk, düzgünleşdirijilik, goraýjylyk, maksady kesgitleýjilik we netijelilik wezipeleri hem möhüm ähmiýete eýe bolup durýar. Konstitusiýanyň üsti bilen jemgyýetçilik institutlary hukuk esasyna we häzirki zaman türkmen raýat jemgyýetiniň beýleki birnäçe gymmatlyklaryna eýe bolýarlar.

- Konstitusiýanyň esaslandyryjylyk tebigaty onuň düzgünleriniň esas hökmünde çykyş edip, ilkinji bolup durýandygynda we döwlet edaralary tarapyndan çykarylýan beýleki namalaryň oňa garşy gelmeýänliginde ýüze çykýar. Konstitusiýanyň esaslandyryjylyk wezipesi jemgyýetiň möhüm institutlarynyň kesgitlenmeginde we hukuk taýdan resmileşdirilmeginde hem öz beýanyny tapýar.

- *Düzgünleşdirijilik wezipesi* – Konstitusiýanyň tutuş hukuk ulgamy üçin başlangyç esaslary öz içine alýan hukugyň esasy çeşmesi bolup durýanlygynda öz beýanyny tapýar we gös-göni döwlet-hukuk gatnaşyklaryny kadalaşdyrýar.

- *Goraýjylyk wezipesi* – konstitusion kadalary konstitusion gurluşyň esaslaryny, adamyň we raýatyň hukuklaryny we azatlyklaryny goramaga gönükdirilendir.

- *Maksady kesgitleýjilik wezipesi* – Konstitusiýanyň jemgyýeti we döwleti ösdürmegiň strategik maksatlaryny we wezipelerini, geljegiň nusgalaryny berkitmeginde jemlenýär.

- *Netijelilik wezipesi* – täze institutlary ösdürmek üçin başlangyç esaslary kesgitlemek, jemgyýetçilik gatnaşyklaryny ösdürmek üçin kadalaşdyryjy çaklamany bermekde öz beýanyny tapýar.

Konstitusiýanyň ähli wezipeleri bir bütewi, utgaşykly we bir-biriniň üstüni ýetirýär. Olaryň ylmy taýdan toparlara bölünmegi bolsa, Esasy Kanunyň durmuş ähmiýetliligine we maksadyna düýpli düşünmäge ýardam edýär.

**Döwlet** ägirt uly sosial institutdyr. Döwlet jemgyýetiň iň ýokary syýasy institutydyr.

Syýasy partiýalar we beýleki jemgyýetçilik birleşikleri, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri, saýlawlar we sala salşyklar ulgamy, kanunçykaryş, kazyýet we dolandyryş ulgamlary hem-de beýleki jemgyýeti hemmetaraplaýyn edara etmek üçin zerur bolan ulgamlar bolsa «Döwlet» atly uly institutyň düzüm bölekleri bolup durýarlar.

**Döwletiň esasy alamatlary şu aşakdakylardan ybaratdyr:**

*-Döwletiň ýerleşýän çägi;*

*-Döwletiň hemişelik ilaty;*

*-Döwletiň häkimiýet-dolandyryş ulgamy;*

*-Döwletiň özygtyýarlylygy;*

Mundan başga-da, döwletiň goşmaça alamatlary hem bardyr. Olar *döwletiň serhetleri, hukuk ulgamy, maliýe salgyt ulgamy, döwlet nyşanlary, paýtagty, hukuk goraýyş ulgamy, ýaragly güýçleri we ş.m.*

***Döwletiň ýerleşýän çägi*** – bu döwletiň öz häkimiýet-dolandyryş ygtyýarlyklaryny erkin amala aşyrmaga bolan hukugy doly hereket edýän, ýagny döwletiň özygtyýarlygyna degişli bolan we özge döwletiň ýerleşýän çäginden döwlet serhediniň esasynda aýratynlaşdyrylan, döwletiň hemişelik ilatynyň ýaşaýan ýeridir.

***Döwlet serhedi*** diýlende – çäk taýdan özygtyýarlylygyna degişli bolan gury ýerine, ýerastyna, suwuna hem-de howa giňişligine düşünilýär.

***Döwletiň hemişelik ilaty*** – bu bellibir döwletiň çäginde hemişelik ýaşaýan adamlaryň toplumydyr.

***Döwletiň häkimiýet-dolandyryş ulgamy*** diýlende, döwletiň bütin çäginde dolandyryş-serenjam beriş, kanun çykaryş we adyl kazyýetligi amala aşyrmak ygtyýarlyklary bolan döwlet edaralarynyň ulgamyna düşünilýär.

***Döwlet özygtyýarlylygy*** (suwerinitet) – bu döwletiň içerki we daşary işlerini amala aşyranda doly garaşsyz bolmagyny, çäkleriniň eldegrilmesizligini, ykdysady özygtyýarlylygyny we garaşsyzlygyny, durmuş we syýasy düzgünini diňe ýeke-täk öz halkynyň kesgitläp bilmegini aňladýandyr.

*Döwlet özygtyýarlylygy (suwerinitet)* – «ýokary häkimiýet» diýen manyny berýär. Ol souveranitat diýen nemes hem-de souverainete diýen fransuz sözlerinden gelip çykandyr. Suwerinitet ýörelgesi halkara hukugynyň esasy çeşmesi bolan Birleşen Milletler Guramasynyň Düzgünnamasynda, BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan 1970-nji ýylyň 24-nji oktýabrynda kabul edilen «Döwletleriň içerki işlerine gatyşmaklyga ýol bermezlik, olaryň özygtyýarlylygyny we garaşsyzlygyny goramak barada Jarnamada» we beýleki halkara hukuk namalarynda berkidilýär.

**Özygtyýarlylygyň esasy üç häsiýeti** bardyr: *döwlet häkimiýetiniň hökmürowanlygy, bütewüligi we garaşsyzlygy.*

Döwlet häkimiýetiniň hökmürowanlygy döwletiň bütin çäginde doly häkimiýete eýe bolmagyny aňladýar.

Döwletiň çäklerinde başga hiç bir guramanyň ýa-da birleşigiň döwletiň häkimlik ygtyýarlyklaryny eýelemäge ýa-da öz ygtyýarlyklaryny döwletiň häkimlik ygtyýarlyklaryndan ýokarda goýmaga haky ýokdur.

**Döwletiň *bütewüligi*** döwletiň tutýan meýdany boýunça öz çäginiň doly ýerinde bolmagydyr.

**Döwlet garaşsyzlygy** hiç bir döwlete garaşly bolmazdan döwletiň içki we daşary syýasatyny özbaşdak amala aşyryp bilmegidir.

***Respublika.*** Ýokary döwlet häkimiýeti bellibir möhlete saýlanan ýa-da bellenen wekillerden düzülen we baştutanlygynda prezident durýan edaralara degişli bolan döwlet dolandyryşynyň görnüşine respublika diýilýär.

Häzirki zaman döwletleriniň aglaba köpüsinde döwlet dolandyryşy respublika görnüşinde amala aşyrylýar. Respublikalaryň bolsa esasy üç görnüşi bardyr:

- Prezident respublikasy;
- Parlament respublikasy;
- gatyşyk ýa-da prezident-parlament respublikasy.

***Prezident respublikasy.*** Bu döwlet häkimiýet bölünişiginde ýerine ýetiriji häkimiýetiň hem-de döwletiň baştutany hökmünde çykyş edýän prezidentiň döwlet häkimiýetiniň kanun çykaryjy we kazyýet häkimiýetlerine garanyňda has giň ygtyýarlyklardan peýdalanmagynda amala aşyrylýan döwlet dolandyryşynyň görnüşidir.

Döwleti dolandyrmagyň prezident respublikasy görnüşinde amala aşyrylmagy diýlende bolsa, ýokarda bellenilip geçililenlerden başga-da milli garaşsyzlygyň we ýurt bütewüliginiň, Konstitusiýanyň we halkara borçnamalarynyň berjaý edilmeginiň kepili hökmünde prezidentiň çykyş edýändigini aňladýar.

***Parlament respublikasy.*** Bu döwlet häkimiýet bölünişiginde kanun çykaryjy häkimiýeti özünde jemleýän parlamentiň ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetlerine garanyňda has giň ygtyýarlyklardan peýdalanmagynda amala aşyrylýan döwlet dolandyryşynyň görnüşidir.

***Gatyşyk ýa-da prezident-parlament respublikasy*** döwlet häkimiýet bölünişiginde kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetleriniň ygtyýarlyklarynyň deňagramlaşdyrylmagynda amala aşyrylýan döwlet dolandyryşynyň görnüşidir.

***Hukuk döwleti*** diýen düşünje ilki bilen döwletde kanunyň agalygynyň berkarar edilmegini, jemgyýetiň raýat jemgyýeti derejesine kämilleşmegini, ynsanyň – onuň mertebesiniň, tebigy hem mizemez hukuklarynyň döwlet üçin ýokary, baş gymmatlyk hökmünde görülmegini aňladýar.

***Dünýewi döwlet*** diýlende, döwletiň dinleriň we dine uýmagyň erkinligini, olaryň kanunyň öňünde deňligini kepillendirýändigini, dini guramalaryň döwletden aýrydygyny we olaryň döwletiň işlerine gatyşmagyna hem-de döwlet işlerini ýerine ýetirmegine ýol berilmeýändigini, şeýle hem döwletiň bilim ulgamynyň dini guramalardan aýrydygyny we onuň dünýewi häsiýete eýedigini aňladýar.

***Demokratiýa*** raýatlaryň öz hukuklaryndan peýdalanyp, erk-islegini erkin beýan edip bilmegidir. Ol raýatlaryň öz islegini erkin beýan etmegini amala aşyrýan ygtyýarly syýasy

ulgamdyr. Şeýle hem häkimiýetiň halka degişli bolmagyndaky, halk häkimiýetligindäki syýasy gurluşdyr. Demokratiýa - «demos – halk», «kratos – häkimiýet» diýen grek sözünden bolup, raýatlaryň syýasy maksatlaryny hut özüniň ýa-da saýlan wekilleriniň üsti bilen amala aşyrmagynyň görnüşidir. Bu halkyň häkimiýeti gös-göni ýa-da wekilçilikli edaralaryň üsti bilen amala aşyrmagydyr. Halk häkimiýetliligini gös-göni amala aşyrmagyň esasy görnüşi hem saýlawlar we sala salşyklardyr.

Syýasy kadany durmuşa geçirmegiň iň bir çylşyrymly we çuň manyly görnüşi – demokratiýadyr.

**Häkimiýet** – bu beýleki adamlaryň işlerine we özüni alyp barşyna, hatda olaryň garşylyk görkezmeleriniň tersine täsir ýetirmekde başarnygyňy we mümkinçiligiňi öz ygtyýaryňda baglamakdyr. Häkimiýetiň esasy şeýle mümkinçiligiň nämeden döreýändigine bagly däldir.

Adamzat jemgyýeti döränden häkimiýet peýda boldy diýlip hasaplanýar we häkimiýetiň ol ýa-da beýleki bir usuly elmydama onuň ösmegi bilen baglanyşyklydyr. Ol ähli gatnaşyjylary bir erk-islege tabyn etmekde jemgyýetçilik önümçiligini guramak, şeýle-de adamlaryň we jemgyýetiň beýleki özara gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek üçin hökmanydyr.

**Döwlet edarasy** döwletiň wezipesini amala aşyrmaga gatnaşýan we şonuň üçin hökümlilik ygtyýarlygy bölünip berilen döwlet gurluşynyň bölegidir.

**Türkmenistanda döwlet häkimiýeti** kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetlerine bölünýär, olar biri-birini deňagramlaşdyryp, özbaşdak hereket edýärler.

***Kanun çykaryjy häkimiýet (Parlament)*** – döwlet häkimiýetiniň bir şahasy bolup, Türkmenistanda döwlet häkimiýetiniň kanun çykaryjylyk ygtyýarlyklary Türkmenistanyň Mejlisine hem-de öz ygtyýarlyklaryna degişli edilen käbir meseleler boýunça Türkmenistanyň Prezidentine degişlidir.

Türkmenistanyň Mejlisi (Parlamenti) kanun çykaryjy häkimiýeti amala aşyrýan wekilçilikli edaradyr. Kanun çykaryjy häkimiýetiň iň esasy hem iň möhüm wezipesi döwletiň kanunlaryny döretmek we olary kabul etmekdir.

***Ýerine ýetiriji häkimiýet*** – döwlet häkimiýetiniň bir şahasydyr.

Türkmenistanda ýerine ýetiriji häkimiýetiň hem-de döwletiň baştutany hökmünde Türkmenistanyň Prezidenti çykyş edýär. Döwletde ýerine ýetiriş we serenjam beriş wezipelerini bolsa Türkmenistanyň Ministrler Kabineti (Hökümet) amala aşyrýar.

Ýerine ýetiriji häkimiýetiň kanun çykaryjy häkimiýet edaralary tarapyndan kabul edilen kanunlaryň durmuşa geçirilmegini, olaryň talaplarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün edýänliginden hem onuň ady, ýagny «ýerine ýetiriji häkimiýet» diýen adalga gelip çykýar. Mundan başga-da döwlet häkimiýetiniň bu şahasy döwlet mehanizmini, ykdysadyýeti we bazary dolandyrýar hem-de olaryň hemişe kadaly hereket

etmeklerini üpjün edýär, ilatyň islegleriniň, talaplarynyň we zerurlyklarynyň kanagatlandyrylmagyna gözegçiligi amala aşyrýar.

***Kazyýet häkimiýeti*** – döwlet häkimiýetiniň bir şahasy bolup, onuň esasy tapawutly aýratynlygy, Türkmenistanyň Konstitusiýasyna we «Kazyýet gurluşy we kazylaryň hukuk ýagdaýy hakynda» Türkmenistanyň kanunyna laýyklykda, diňe Türkmenistanyň kazyýet ulgamynyň düzümine girýän döwlet kazyýetleri tarapyndan amala aşyrylyp bilýänligindedir. Kazyýet häkimiýeti kazyýet edaralarynyň ulgamyny, kazylaryň hukuk ýagdaýyny, adyl kazyýetligiň ýörelgelerini, kazyýet önümçiliginiň görnüşlerini özünde jemleýär.

**MAZMUNY**

## SAÝLAWLAR BOÝUNÇA ESASY ADALGALAR

Saýlawlar.....9
Sala salşyklar.....13
Saýlaw senzi.....14
Absenteizm.....16
Saýlawçy.....17
Saýlaw hukugy.....18
Saýlaw ulgamy.....21
Saýlaw topary.....23
Saýlaw okrugy.....29
Saýlaw uçastogy.....30
Saýlawçylaryň sanawy.....31
Dalaşgär.....32
Dalaşgärlige hödürlemek.....33
Dalaşgäri bellige almak.....33
Dalaşgärleriň hukuklary.....34
Dalaşgäriň ynanylan adamlary.....34
Saýlaw möwsümi.....34
Wagyz işleri.....35
Saýlawlary maliýeleşdirmek.....36

Saýlaw býulleteni ........................................................37
Ses bermek ........................................................37
Synçy ........................................................41
Saýlawlaryň jemini kesgitlemek ........................................................45
Gaýtadan ses bermek ........................................................46
Saýlawlary gaýtadan geçirmek ........................................................46
Saýlawlarda şikaýatlar ........................................................46
Raýatlaryň saýlaw hukuklarynyň kepillikleri ........................................................47

**DÖWLET GURLUŞYNA DEGIŞLI KÄBIR ADALGALAR**

Konstitusiýa ........................................................51
Döwlet ........................................................53
Demokratiýa ........................................................57
Häkimiýet ........................................................58

TÜRKMENISTANDA SAÝLAWLARY WE SALA SALŞYKLARY
GEÇIRMEK BARADAKY MERKEZI TOPAR

# SAÝLAWLARDA ULANYLÝAN ADALGALARA DÜŞÜNDIRIŞLI

# S Ö Z L Ü K


Çapa taýýarlan *A. Ussaýew.*

Redaktorlar *A. Akmyradow,*
*A. Çaryýew,*
*Ş. Myratgulyýewa,*
*O. Garajaýewa.*

Tehniki redaktor *O. Nurýagdyýewa*

Çap etmäge rugsat edildi 07.02.2017. Möçberi 60x84 $^{1}/_{16}$.
Şertli çap listi 3.72. Şertli-reňkli ottiski 3.97. Hasap-neşir listi 2.42.
Çap listi 4.0. Sargyt 344. Sany 3000.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127-nji (G.Gulyýew) köçe, 51/1.